Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
— BIZ DÜNÝÄNIŇ ÄHLI ÝURTLARY WE HALKLARY ÜÇIN AÇYKDYRYS!

# ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI

THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT

Biziň baş maksadymyz Watana gulluk etmekdir!

Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty

Elektron gazet 2020-nji ýylyň 1-nji oktýabryndan bäri çykýar.

№18 (167) 2026-njy ýylyň 30-njy iýuny

## HEPDÄNIŇ MÖHÜM WAKALARY



**21-nji iýunda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Türkmenistanyň we Russiýa Federasiýasynyň Gahrymany, «Ý.A.Gagarin adyndaky kosmonawtlary taýýarlaýyş ylmy-barlag synag merkezi» federal döwlet býujet edarasynyň başlygy, kosmonawtlar toparynyň serkerdesi Oleg Kononenko doglan güni mynasybetli tüýs ýürekden gutlaglaryny we iň gowy arzuwlaryny iberdi.

***

**22-23-nji iýunda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Azerbaýjan Respublikasyna döwlet saparyny amala aşyrdy. Bu sapar ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň taryhynda täze sahypany açdy.

***

**24-nji iýunda** Jemgyýetçilik guramalarynyň merkezinde «Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda halkara dostdoganlyk gatnaşyklary — parahatçylygyň we ösüşiň berk binýady» atly maslahat geçirildi. «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynyň möhüm wakasyna öwrülen maslahatyň dowamynda hormatly Prezidentimiziň we Gahryman Arkadagymyzyň yzygiderli tagallalary esasynda alnyp barylýan taryhy ähmiýetli işleriň uly üstünliklere beslenýändigi buýsanç bilen bellenildi.

***

**24-nji iýunda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Katar Döwletiniň Emiri Şeýh Tamim bin Hamad Al-Tanä Ras Laffan senagat zolagynda ýerleşýän, tebigy gazy gaýtadan işleýän zawodda bolup geçen partlamanyň adam pidalaryna we şikes ýetmelere getirendigi zerarly gynanç hatyny iberdi.

***

**25-nji iýunda** türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow bilen Azerbaýjan Respublikasynyň Prezidenti Ilham Aliýewiň arasynda telefon arkaly söhbetdeşlik geçirildi.

***

**25-nji iýunda** Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň bejeriş işleri boýunça wise-prezidenti Oguljahan Atabaýewa Palestina Döwletiniň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Rana Abu Hijleh bilen duşuşdy.

***

**25-nji iýunda** Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň bejeriş işleri boýunça wise-prezidenti Oguljahan Atabaýewa bilen Hytaý Halk Respublikasynyň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Szi Şuminiň arasynda duşuşyk geçirildi.

***

**25-nji iýunda** Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň bejeriş işleri boýunça wise-prezidenti Oguljahan Atabaýewa bilen BMG-niň Ösüş maksatnamasynyň Türkmenistandaky hemişelik wekili Narine Saakýanyň arasynda duşuşyk geçirildi.

***

**26-njy iýunda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda döwlet durmuşyna degişli birnäçe meselelere seredildi.

***

Ýakynda Balkan welaýatynda Medeniýet hepdeligi uly ruhubelentlige beslenip geçirildi. Munuň özi halkymyzyň ruhy dünýäsiniň baýlaşmagynda möhüm orun eýeleýän milli sungatymyzyň ösüşiň täze derejesine çykýandygyny görkezmek bilen, «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynyň taryhy ähmiýetli wakalarynyň many-mazmun taýdan has-da baýlaşmagyny şertlendirdi. Medeniýet hepdeligini geljek ýyl Daşoguz welaýatynda geçirmek meýilleşdirilýär.

**«Ýaş diplomatyň sesi».**

## TÄZELIKLER
## НОВОСТИ
## NEWS



### SCIENTIFIC-PRACTICAL CONFERENCE WAS HELD

On June 24, 2026, a scientific-practical conference titled «Magtymguly Pyragynyň edebi mirasy we Türkmenistanyň medeni diplomatiýasynyň ösüşi» was held at the Institute of International Relations of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan on the occasion of the Day of Culture and Art Workers, as well as the Poetry Day of Magtymguly Fragi. Professors, lecturers, and students of the national school of Turkmen diplomacy, along with representatives of the country's scientific institutions, attended it.

At the conference, presentations were delivered on the principles of neutrality, peace, trust, and national culture, the significance of cultural diplomacy in the year «Independent, Neutral Turkmenistan – the Homeland of Purposeful Winged Horses» and the role of secularism and diplomacy in the poems of Magtymguly Fragi.

The speakers emphasized the importance of the broad international scientific cooperation policy pursued by our Esteemed



President, as well as the fundamental reforms initiated by Hero Arkadag, which contribute to the expansion of cultural and humanitarian international relations and the popularization of the cultural heritage of the Turkmen people.

### КОНФЕРЕНЦИЯ ПОСВЯЩЕННАЯ ПРОГРАММЕ «ЦЕНТРАЛЬНОАЗИАТСКОЕ РЕГИОНАЛЬНОЕ ЭКОНОМИЧЕСКОЕ СОТРУДНИЧЕСТВО (ЦАРЭС)»

25 июня 2026 года в Институте международных отношений Министерства иностранных дел Туркменистана состоялась конференция, посвященная экономическому значению программы «Центральноазиатское региональное экономическое сотрудничество (ЦАРЭС)». Мероприятие было организовано научным кружком «Молодые экономисты» кафедры международных экономических отношений института. В нем приняли участие студенты факультета международных экономических отношений.

На конференции выступил преподаватель кафедры международных экономических отношений Института меж-



дународных отношений Министерства иностранных дел Туркменистана Назар Мередов. В ходе выступления было подробно разъяснено экономическое значение региональных проектов, реализуемых в рамках программы ЦАРЭС.

**«Голос молодого дипломата».**



# TÜRKMENISTAN — AZERBAÝJAN: dostluk şahalary gül açýar



***Uzak wagtyň synagyndan geçen dostluk ýollary halklara haýyr getirýär. Dostuň güler ýüzi, dostuň dana sözi, dostuň ýoluňa garaýan gözi diňe bir ynsany däl, eýsem, illeri-de ýürekden baglaýar. Ýürek sesi ýürek sesiňe sazlaşýan dostlaryň gadyry-da, gymmaty-da başgaça bolýar. Garaşsyzlyk ýyllarynda gülläp ösen türkmen-azerbaýjan dostlugy-da barha gül açmak bilendir.***

***Hazar deňzi bilen araçäkleşýän iki doganlyk döwletiň — Türkmenistanyň we Azerbaýjanyň halklarynyň gadyrly gatnaşyklarynyň taryhy gadymyýete uzap gidýär. Oguz toparyna girýän häzirki zaman garyndaş türkmen hem azerbaýjan dillerindäki umumylyklar bilen bir hatarda, iki halkyň milli ynançlaryndaky, däp-dessurlaryndaky we medeniýetindäki meňzeşlikler taryhy ýakynlygyň nyşany bolup durýar. Türkmen we azerbaýjan halklarynyň doganlyk gatnaşyklary täze taryhy döwürde ýokary derejede ösdürilýär.***

Türkmen-azerbaýjan dost-doganlygynyň taryhynyň çuňlugy, örüsiniň giňligi edil Hazar deňzi ýalydyr. Şahyryň:

***Seni görsem deňiz ýadyma düşýär,***
***Deňzi küýseýşim dek küýseýän seni***

— diýşi ýaly, asyl, bizde göwündeş ynsanlar, gardaş iller deňze meňzedilýär, deňze deňelýär...

Biri-birini «gardaş» diýip hormatlaýan türkmen-azerbaýjan halklarynyň gardaşlygy heňňamlaryň aňyrsyndan. Dili, dini, medeniýeti bir bolan halklaryň göwünleri, ýürekleri aýry bolup bilmeýär. Gojaman Hazar üste goňşy bolup oturan iki doganlyk halkyň gatnaşyklary Hazaryň joşly tolkunlary ýaly mydama joş alyp ösýär, kämilleşýär.

Türkmenistan bilen Azerbaýjanyň arasyndaky hyzmatdaşlyk uzak möhletleýin häsiýete eýedir. 1992-nji ýylyň 9-njy iýunynda Azerbaýjan Respublikasy bilen Türkmenistanyň arasynda diplomatik gatnaşyklaryň ýola goýlandygyny, 2022-nji ýylda iki döwletiň arasynda diplomatik gatnaşyklaryň ýola goýulmagynyň 30 ýyllygynyň bellenilendigini turuwbaşdan nygtamak gerek. 1999-njy ýylyň 8-nji iýunynda Türkmenistanyň Azerbaýjan Respublikasyndaky ilçihanasy öz işine başlady. Azerbaýjan Respublikasynyň Aşgabatdaky ilçihanasy bolsa 2002-nji ýylyň 18-nji oktýabrynda açyldy. Iki döwletiň arasynda şertnamalaýyn-hukuk esaslary yzygiderli berkidilip, häzirki wagta çenli 108 resminama gol çekildi.

Türkmenistan bilen Azerbaýjan Respublikasynyň arasyndaky ikitaraplaýyn gatnaşyklar syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwer ulgamlarda işjeň ösdürilýär. Soňky ýyllarda döwlet we hökümet derejesindäki yzygiderli duşuşyklaryň hem-de özara saparlaryň netijesinde hyzmatdaşlyk hil taýdan täze derejä çykaryldy. Hususan-da, Gahryman Arkadagymyzyň dostlukly döwlete dürli ýyllarda amala aşyran saparlary, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň 2023-nji ýylda iş sapary bilen Azerbaýjanda bolmagy döwletara gatnaşyklara möhüm itergi berdi. Azerbaýjanyň Prezidenti hem Türkmenistanda dürli ýyllarda döwlet, resmi we iş saparlarynda boldy.

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2025-nji ýylyň 16-17-nji iýulynda Baku we Garabag sebitlerine eden saparyna aýratyn üns çekmek gerek. Gahryman Arkadagymyzyň doganlyk Azerbaýjana bolan bu sapary Garabag sebitiniň Fizuli, Şuşa şäherleri bilen tanyşlygy-da öz içine alypdy. Şonda ýol ugrunda ýörite gurnalan ýerde Fizuli şäherinde alnyp barylýan gurluşyk taslamalary bilen tanyşlyk guralanda, Milli Liderimiz döwrüň beýik binagäri hökmünde gymmatly maslahatlaryny beýan edipdi, bu ýerde Türkmenistandan sowgat hökmünde metjit gurmak başlangyjyny öňe sürüpdi. Doganlyk ýurduň Fizuli şäherinde gurulýan, «Allanyň öýi» hasaplanýan metjit Türkmenistan tarapyndan Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň serişdeleriniň hasabyna bina edilýär. Munuň özi gaznanyň alyp barýan ynsanperwer işleriniň geriminiň has-da giňeýändigini, onuň halklaryň arasynda dostdoganlyk gatnaşyklarynyň, ruhy birligiň, bitewüligiň has berkemegine-de uly goşant goşýandygynyň güwäsidir. Gahryman Arkadagymyzyň görkezmesi boýunça bu haýyr-sahawat gaznasy bilen ylalaşylan şertnama laýyklykda, 500 adama niýetlenen, umumy tutýan meýdany 1,2 gektar boljak metjit «Aga-gurluşyk» hususy kärhanasy tarapyndan gurulýar. Bu bolsa türkmen telekeçilerine uly ynam bildirilip, giň mümkinçilikleriň döredilýändigini, olaryň Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda amala aşyrylýan taryhy işlere öz mynasyp goşantlaryny goşandygynyň nobatdaky aýdyň mysalydyr.

Şonuň yzysüre, 22-nji awgustda gözel Awazada geçirilen, köne dostlaryň täzeçe duşuşygyna öwrülen Türkmenistan — Azerbaýjan — Özbegistan ýokary derejeli üçtaraplaýyn duşuşygynda bolsa möhüm resminama gol çekildi: Arkadag şäheri bilen Azerbaýjanyň Fizuli şäherleri doganlaşan şäherler hökmünde gatnaşyklary ýola goýdular. Şeýle hem Milli Liderimiziň 2025-nji ýylyň 7-nji oktýabrynda Türki Döwletleriň Guramasynyň döwlet Baştutanlarynyň 12-nji sammitine gatnaşmak üçin Gabala şäherinde bolmagy täze taryhy döwrümiziň möhüm wakalarydyr.

Iki dostlukly döwlet Hazarýaka sebitinde hem, Merkezi Aziýada hem ynamly dostlardyr, ygtybarly hyzmatdaşlardyr. Ýeri gelende bellesek, 2026-njy ýylda Azerbaýjan Respublikasy Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlarynyň nobatdaky konsultatiw duşuşygyna hem gatnaşar. Täze — «Merkezi Aziýa we Azerbaýjan» formatynda geçiriljek bu duşuşyga şu ýyl Türkmenistan başlyklyk edýär. Mälim bolşy ýaly, bu başlangyç 2025-nji ýylyň 5-nji awgustynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda Gahryman Arkadagymyzyň başlyklyk etmeginde geçirilen Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlarynyň duşuşygynda Milli Liderimiz tarapyndan öňe sürüldi.

Mundan başga-da, Azerbaýjan Respublikasy we Türkmenistan üçtaraplaýyn görnüşde hyzmatdaşlyk alyp barýar. Azerbaýjan Respublikasy, Türkiýe Respublikasy we Türkmenistanyň döwlet Baştutanlarynyň ilkinji üçtaraplaýyn mejlisi 2023-nji ýylyň 14-nji dekabrynda Türkmenbaşy şäherinde geçirildi. Şol bir wagtyň özünde Azerbaýjan, Türkiýe we Türkmenistan Daşary işler, Ykdysadyýet we Energetika ministrleri derejesinde üçtaraplaýyn görnüşde özara gatnaşyklary alyp barýar. Şeýle hem 2025-nji ýylyň 22-nji awgustynda Türkmenbaşy şäherinde Azerbaýjan Respublikasynyň Prezidenti Ylham Aliýewiň, Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistan Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň hem-de Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýewiň arasynda ýokary derejeli duşuşyk geçirildi.

Türkmenistan hem-de Azerbaýjan Respublikasy ikitaraplaýyn görnüşde bolşy ýaly, köptaraplaýyn esasda, şol sanda Birleşen Milletler Guramasy, Türki Döwletleriň Guramasy, Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy, Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasy, Goşulyşmazlyk Hereketi, Yslam Hyzmatdaşlyk Guramasy, Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasy ýaly düzümleriň çäklerinde netijeli hyzmatdaşlygy yzygiderli ösdürýärler. Şunda parlamentara gatnaşyklara-da aýratyn ähmiýet berilýär.

Ykdysady hyzmatdaşlyk barada aýdylanda, söwda-ykdysady ulgam türkmen-azerbaýjan gatnaşyklarynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. 2008-nji ýyldan bäri Azerbaýjan Respublikasynyň Hökümeti bilen Türkmenistanyň Hökümeti arasynda Ykdysady Hyzmatdaşlyk boýunça Azerbaýjan-Türkmenistan Hökümetara topary işleýär.

Käbir statistiki maglumatlara ýüzlensek, 2025-nji ýylda Azerbaýjan Respublikasy bilen Türkmenistanyň arasynda söwda dolanyşygynyň umumy möçberi 208,39 million ABŞ dollaryna deň bolup, şol sanda, importyň möçberi 144,54 million ABŞ dollaryna, eksportyň möçberi bolsa 63,85 million ABŞ dollaryna ýetdi, daşary söwda möçberi 80,69 million ABŞ dollaryna barabar boldy.

Ulag ulgamy-da möhüm ugurlaryň biri bolup durýar. Ýurtlarymyzyň Aziýanyň we Ýewropanyň çatrygynda geografik taýdan amatly ýerleşmegi ulag-logistika ulgamyndaky hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ilerletmäge mümkinçilik berýär. Ulag-logistiki hyzmatdaşlykda Owganystan — Türkmenistan — Azerbaýjan — Gruziýa — Türkiýe ugry boýunça Ýewropa çykýan halkara üstaşyr-ulag geçelgesiniň orny uludyr.

Medeni-ynsanperwer gatnaşyklar barada aýdylanda, ol iki dostlukly ýurduň halklarynyň köpasyrlyk taryhy, medeni-ruhy umumylygyna esaslanýar. Bu gatnaşyklar iki halkyň diliniň we dininiň umumylygyna esaslanyp, häzirki wagtda has-da giňeldilýär. Şunda Medeniýet günlerini, teatr çykyşlaryny, dürli sergileri, kino günlerini geçirmek boýunça uly işler durmuşa geçirilýär. Şunuň bilen baglylykda, 2024-nji ýylda Azerbaýjan Respublikasynyň Milli ylymlar akademiýasynyň Nyzamy Genjewi adyndaky Edebiýat institutynda «Magtymguly Pyragy» adyndaky türkmen edebiýaty merkeziniň açylmagy gardaş halklaryň milli edebiýatynyň hem umumy garaýyşlara esaslanýandygyny görkezýär. Ýakynda Azerbaýjan Respublikasynyň Türkmenistandaky Medeniýet günleriniň geçirilmegi hem biziň ýurtlarymyzyň medeniýet ulgamynda alnyp barylýan gatnaşyklary mundan beýläk-de ösdürmäge ygrarlydygyny tassyklaýar.

Mundan başga-da, Gahryman Arkadagymyzyň nusgalyk kitaplarynyň azerbaýjan dilinde yzygiderli neşir edilýändigini, 2025-nji ýylyň 22-nji dekabrynda bolsa Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda türkmen halkynyň Milli Lideriniň «Hakyda göwheri» atly kitabynyň azerbaýjan dilindäki neşiriniň tanyşdyrylyş dabarasynyň bolandygyny buýsanç bilen bellemek gerek. Munuň özi diňe bir edebi we ylmy ugurlarda däl, eýsem, Azerbaýjanyň hem-de Türkmenistanyň halklarynyň arasynda asyrlaryň dowamynda berk taryhy we medeni baglanyşygyň ähmiýetini hem aýdyň ýüze çykarýar.

Şeýlelikde, türkmen we azerbaýjan halklarynyň umumy taryhy kökleri bolup, iki halkyň aňyrsy hem oguzlardan gaýdýar. Özara gatnaşyklar berk taryhy binýada, iki halkyň ruhy-medeni gymmatlyklarynyň umumylygyna we garyndaşlygyna, hyzmatdaşlygyň strategik mümkinçiliklerine, iki ýurduňdyr olaryň halklarynyň abadançylygynyň hem-de gülläp ösmeginiň bähbidine syýasy, ykdysady mümkinçilikleri gönükdirmäge taýýarlygyna esaslanýar. Goý, Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiziň başlangyçlary bilen barha rowaçlanýan dost-doganlyk gatnaşyklarymyz has-da berkesin! Ilimiz abadan, ýurdumyz parahat bolsun! Ýaşasyn türkmen-azerbaýjan dostlugy!

**Atamyrat ÝAZWELIÝEW,**
Halkara žurnalistikasy fakultetiniň
4-nji ýyl talyby.

24-nji iýunda Türkmenistanyň Daşary işler ministri Raşid Meredow Germaniýa Federatiw Respublikasynyň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly Ilçisi Bernd Haýns bilen duşuşyk geçirdi. Ilçi ýurdumyzdaky diplomatik işini tamamlaýar.

# TÜRKMEN MEDENIÝETI — RUHY DÜNÝÄ

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda milli medeniýetimizi dünýä ýaýmakda, ösdürmekde, kämilleşdirmekde uly işler alnyp barylýar. Arkadagly Gahryman Serdarymyz bu barada şeýle belläp geçýär: «Häzirki wagtda biz milli medeniýetimizi we sungatymyzy kämilleşdirmek, medeni ulgamda halkara hyzmatdaşlygy has-da ösdürmek ugrunda tutumly işleri alyp barýarys. Ýurdumyzda yzygiderli geçirilýän halkara festiwallar, konsertler, döredijilik forumlary türkmen halkynyň medeniýetde we sungatda gazanan üstünliklerini giňden wagyz etmekde, halkymyzy täze üstünliklere ruhlandyrmakda, dünýä döwletleri bilen dost-doganlyk gatnaşyklarymyzy ilerletmekde uly ähmiýete eýedir». Şonuň ýaly-da, türkmen halky özüniň müňýyllyklara uzaýan taryhy bilen dünýä siwilizasiýasyna uly goşant goşan gadymy halklaryň biridir. Biziň medeniýetimiz diňe bir sungat däl, eýsem, halkymyzyň ýaşaýyş ýörelgesi, pähim-paýhasy we ruhy baýlygydyr.

Türkmen medeniýeti, sungaty diýlende, ilki bilen, biziň milli buýsanjymyz bolan behişdi ahalteke atlarymyz, dünýäni haýrana goýýan gözel halylarymyz we nepis şaý-seplerimiz göz öňümize gelýär. Bu gymmatlyklar türkmen ýigidiniň gaýratynyň we türkmen zenanynyň el hüneriniň nyşanydyr.

Medeniýetimiziň iň uly sütünleriniň biri hem söz sungatydyr. Beýik akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň pähim-paýhasa ýugrulan goşgulary türkmen ruhunyň sarsmaz galasydyr. Onuň goşgularynda agzybirlik, watansöýüjilik we ynsanperwerlik ýaly iň asylly häsiýetler jemlenendir. Şeýle-de «Görogly» şadessany we beýleki dessanlarymyz halkymyzyň wepalylyk, mertlik we edermenlik mekdebidir.

Biziň medeniýetimizi dutar-gyjaksyz we bagşy-sazandasyz göz öňüne getirmek mümkin däl. Dutaryň owazy — bu türkmen halkynyň ýüreginiň owazydyr. Dutar ýasamak senetçiligi, dutarda saz çalmak we bagşyçylyk sungatynyň ÝUNESKO-nyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizilmegi türkmen medeniýetiniň dünýä derejesinde uly ykrarnama eýe bolýandygynyň aýdyň subutnamasydyr.

Türkmen medeniýetiniň ýene-de bir uly baýlygy edep-ekramlylykdyr. Ulyny sylamak, kiçini ezizlemek, myhmansöýerlik we goňşy-golama bolan hormat biziň medeniýetimiziň aýrylmaz bölegidir. «Myhman atańdan uly» diýen pähim türkmeniň myhmanyna goýýan ägirt uly sarpasynyň aýdyň nyşanydyr.

Şu günki günde halkymyz özüniň gadymy medeniýetini döwrebap ösdürýär we dünýä derejesinde kämilleşdirýär. Milli medeniýetimiziň şan-şöhratyny Ýer ýüzüne ýaýmakda taýsyz tagallalar edýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, belent başlary aman bolsun!

**Aýperi AKMYRADOWA,**
Halkara žurnalistikasy fakultetiniň
2-nji ýyl talyby.

# MEDENIÝET — HALKYŇ RUHY AÝNASY

Biziň köpasyrlyk medeniýetimiz ynsany ruhy taýdan baýlaşdyrýan we bu möhüm gural bilen bütin dünýäde hyzmatdaşlygy ilerletmäge çagyrýan asylly ýörelgelere esaslanýar. Türkmeniň milli medeniýetiniň inçeligini, halkylygyny aýratyn nygtamak gerek.



Türkmeniň baý we özüne çekiji medeniýeti bar. Ýurduň çäginde emele gelen däp-dessurlar gadymy Eýranyň, çarwa türk taýpalarynyň, Buharanyň golaýyndaky oturymly ilatyň we Hazar deňziniň kenarýakasynda dörän täsirleriň astynda uzak eýýamlardan şu günlere çenli saklanyp galypdyr. Dünýäniň dürli künjünden gelýän syýahatçylar türkmeniň milli buýsanjy ahalteke bedewiniň ýyndamlygyna, dutaryň owazyna, nepisligi bilen haýrana goýýan halyçylyk sungatyna ýokary baha berýärler.

Ýokary döwlet derejesinde bellenýän Medeniýet hepdeligi milliliklerimiziň köpdürlüligini, özboluşlylygyny wagyz etmäge, ussatlyklary bilen durmuşymyzy baýlaşdyrýan bu wajyp ulgamyň işgärlerini hormatlamaga bagyşlanan ajaýyp mümkinçilikdir. Hepdelik mynasybetli gözel Diýarymyzyň şäherlerinde, welaýatlarynda meşhur medeniýet we sungat işgärleriniň gatnaşmagynda uly şatlyk-şowhuna beslenýän baýramçylyk konsertleri, şekillendiriş we amaly-haşam sungatynyň sergileri, halkymyzyň maddy we ruhy mirasyny goramaga bagyşlanan döredijilik duşuşyklary guraldy. Şunuň ýaly-da, bu hünär baýramçylygynyň umumadamzat gymmatlyklarynyň we ynsanperwer ýörelgeleriň waspyny ýetiren, sözüň güýji, gudraty bilen şygryýet äleminde ady arşa galan Magtymguly Pyragynyň şygryýet güni bilen utgaşdyrylmagynda çuňňur many bar. Ylmy we çeper döredijiligi bilen dünýä medeniýetiniň ösüşine önjeýli goşant goşan söz ussadynyň düýpli ruhy, jemgyýetçilik ähmiýetli pikirleri, halkyň Watana söýgüsi bilen häsiýetlendirilen poeziýasy häzirki wagtda hem hormatlanýar. Akyldar şahyryň şygyrlary, türkmeniň medeni gymmatlyklaryny, däp-dessurlaryny şöhlelendirýän jadyly setirleri häzirki we geljekki nesiller üçin ylham çeşmesi bolup hyzmat edýär. Görnükli söz ussadynyň yhlas deri, buýsanç düri bilen döredilen dürdäne setirleri bu günki gün halkyň medeni mirasyny gorap saklamakda we ony wagyz etmekde bahasyna ýetip bolmajak gymmatlykdyr.

Medeniýet we sungat işgärleriniň hem-de Magtymguly Pyragynyň şygryýet güni mynasybetli guralýan çäreler diňe bir halkymyzyň milli medeniýetini ösdürmek bilen çäklenmän, eýsem, milli däp-dessurlarymyzy, çeperçilik üstünliklerimizi geljekki nesillere ýetirmäge hem uly mümkinçilikleri döredýär.

**Bike ANNAÝEWA,**
Halkara žurnalistikasy fakultetiniň
2-nji ýyl talyby.

# DANA PYRAGYNYŇ ŞYGRYN OKASAŇ...

*Geçmişim, şu günüm, görünýär ertäm,*
*Dana Pyragynyň şygryn okasaň.*
*Il-güne hormatyň, artýar mertebäň,*
*Dana Pyragynyň şygryn okasaň.*

*Ýagşy niýetleri halallyk saýyp,*
*Keremli sözlerden kalbyňy çoýup,*
*Paýhas berer dünýämize nur çaýyp,*
*Dana Pyragynyň şygryn okasaň.*

*Bu owadan dünýä söýgi döreder,*
*Bilmeziňem üstün ýetir, öwreder,*
*Ynsan kowmun ýagşy ýoldan ýöreder,*
*Dana Pyragynyň şygryn okasaň.*

*Seriň tämizlener, akylň goýalar,*
*Duýgularňa ylham geler, oýanar,*
*Hassa halyň tirsegine daýanar,*
*Dana Pyragynyň şygryn okasaň.*

*Pederlere tagzym bolar edeniň,*
*Saňa müň bir alkyşy bor pederiň,*
*Güýje döner, gurpdan dolar bedeniň,*
*Dana Pyragynyň şygryn okasaň.*

*Watany, il-güni çyndan söýersiň,*
*Bütin ömrüň halallyga uýarsyň,*
*Keramatdyr, apalarsyň, aýarsyň,*
*Dana Pyragynyň şygryn okasaň.*

*Kitabyňy ýüze sylyp, ýazaryň,*
*Näçe ýazsam bärden gaýdýar ýazanym,*
*Ertirlere şugla saçar nazaryň,*
*Dana Pyragynyň şygryn okasaň.*

*Jumaberdi ARTYKOW,*
*mugallym,*
*«Ýaş diplomatyň sesi»*



24-nji iýunda Astana şäherinde Türkmenistan bilen Gazagystan Respublikasynyň arasynda Ykdysady, ylmy-tehniki we medeni hyzmatdaşlyk boýunça Bilelikdäki hökümetara türkmen-gazak toparynyň nobatdaky mejlisi geçirildi.

# TÜRKMEN MEDENIÝETI WE MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ ÖÇMEJEK MIRASY

Halkyň medeniýeti onuň taryhy ýoly, kalbynyň owazy we geljege bolan ynamydyr. Asyrlarboýy parahatçylygy, ynsanperwerligi we agzybirligi ýörelge edinen türkmen halkynyň medeniýeti bütin dünýäniň medeni genji-hazynasyna gaýtalanmajak gymmatlyklar goşdy. Bu baý medeni mirasyň iň belent, gadymy şahalarynyň biri bolsa, şahyrana sözüň ussady, dünýäniň beýik akyldary Magtymguly Pyragydyr.

Türkmen medeniýeti diňe bir sungat däl, eýsem, asyrlaryň süzgejinden geçip gelen ýaşaýyş filosofiýasydyr. Halypa-şägirtlik mekdebi, türkmen halysynyň nepis nagyşlary, dutaryň mukamy, pederlerimizden galan milli däp-dessurlar biziň öçmejek ruhy baýlygymyzdyr. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe milli medeniýetimiz täze öwüşginler bilen baýlaşýar. Sebäbi medeniýete, sungata uly sarpa goýulýan ýurduň geljegi hemişe aýdyňdyr.

Magtymguly Pyragynyň döredijiligi türkmen edebiýatynyň we medeniýetiniň özenini düzýär. Şahyryň her bir setiri durmuş pelsepesi, pähim-paýhas ummanydyr. Ol öz dürdäne şygyrlarynda diňe bir şahyr däl, eýsem, beýik pelsepeçi, mugallym we syýasatçy hökmünde çykyş edýär.

Onuň: «Bir suprada taýýar kylynsa aşlar», «Berkarar döwlet islärin» diýen setirleri şu günki parahat we abadan durmuşymyz baradaky ajaýyp arzuwlaryň beýanydyr. Onuň goşgularynda öňe sürülýän mertlik, dogruçyllyk, ene-ata we Watana bolan söýgi, ulyny sylamak ýaly sypatlar nesiller üçin bahasyna ýetip bolmajak terbiýeçilik mekdebidir.

Magtymgulynyň ynsanperwerlige ýugrulan şygyrlary dünýä dillerine terjime edilip, bütin adamzadyň ruhy medeniýetiniň aýrylmaz bölegine öwrüldi.

2024-nji ýylyň «Pähim-paýhas ummany — Magtymguly Pyragy» diýlip atlandyrylmagy, bu ýylda akyldar şahyrymyzyň 300 ýyllygy mynasybetli ýurdumyzda we halkara derejesinde geçirilen dürli medeni-köpçülik çäreleri munuň aýdyň subutnamasydyr.




Köpetdagyň eteginde «Magtymguly Pyragy» medeni-seýilgäh toplumynda onuň belent heýkeliniň bina edilmegi hem akyldar şahyra goýulýan çäksiz söýginiň ajaýyp nusgasydyr. Şonuň ýaly-da, her ýylda Medeniýet we sungat işgärleriniň hem-de Magtymguly Pyragynyň şygryýet gününiň we dürli döredijilik bäsleşikleriniň geçirilmegi milli sungatymyzyň ösmegine, Magtymguly Pyragynyň şan-şöhratynyň has-da dabaralanmagyna itergi berýär.

Türkmen medeniýetiniň we sungatynyň hem-de Magtymguly Pyragynyň eserleriniň köki, dünýäsi birdir. Pederlerimiziň galdyran bu baý mirasyny gorap saklamak, ösdürmek we geljekki nesillere ýetirmek her birimiziň mukaddes borjumyzdyr.

**Güljemal ALLAGULYÝEWA,**
Halkara žurnalistikasy fakultetiniň
1-nji ýyl talyby.

# Milletiň ruhy-ahlak mekdebi

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary bilen Magtymgulynyň döredijiliginiň dünýä derejesinde öwrenilmegine uly ähmiýet berilýär. Munuň şeýledigini akyldar şahyr Magtymguly Pyragynyň şanyna geçirilýän halkara derjesindäki ylmy maslahatlar, konferensiýalar we başga-da ençeme medeni-köpçülik çäreleri hem doly aýdyňlygy bilen tassyklaýar. Onuň çuňňur manyly eserleri dünýäniň köp dillerinde neşir edildi.

Dana şahyr Magtymguly Pyragynyň adyny ebedileşdirmek maksady bilen onuň nazary düşen ýerleri bolan ozalky Garrygala etrabyna, paýtagtymyzdaky baýry ýokary okuw mekdebi bolan Türkmen döwlet uniwersitetine, Aşgabat şäherindäki Milli sazly drama teatryna, Türkmenistanyň Ýaşlar guramasyna, deňizde hereket edýän uly gämä, şäherlerimiziň uly şaýollarydyr köçelerine söz ussadymyzyň ady dakyldy. «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda şahyryň 300 ýyllyk toýy halkara derejesinde giňden bellenilip geçildi. Bularyň ählisi Garaşsyz ýurdumyzda beýik şahsyýetlerimize goýulýan ägirt uly sarpanyň aýdyň nyşandyr. Mundan başga-da, Gahryman Arkadagymyzyň ak patasy bilen, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda Köpetdagyň eteginde Magtymguly Pyragynyň ägirt uly heýkeli bina edildi. Bu heýkeli synlap durşuma, şeýle setirler serime geldi:

*Köpetdagyň eteginde dünýä ýalkym saçyp dur,*
*Göwünleri galkyndyrýan Pyragynyň heýkeli.*
*Erkinligi arzuw eýlän, keşbi bize bakyp dur,*
*Göwünleri galkyndyrýan Pyragynyň heýkeli.*

*Beýik söýgä ýugrulan, göwünleriň zynatydyr,*
*Ata-babaň arzuwydyr, köňülleriň ganatydyr,*
*Buýsanç bilen synlap görseň, keşp paýhas kamatydyr,*
*Göwünleri galkyndyrýan Pyragynyň heýkeli.*

*Töweregne üýşüripdir, özi deý danalary,*
*Şol pursat daşyp gidýär, göwünleriň hanalary,*
*Hormat goýup, tagzym eder, Pyragynyň balalary,*
*Göwünleri galkyndyrýan Pyragynyň heýkeli.*

Magtymguly Pyragy türkmen halkynyň milli şahyry bolmak bilen bir hatarda, bütin adamzadyň akyldarydyr. Çünki söz ussadynyň gozgan dünýewi we ylahy meseleleri, olaryň akyl-parasada eýlenen çözgütleri Ýer ýüzüne guşak bolup guşalýar.

Halk arasynda «Magtymguly hemme zady bilipdir», «Ol bar zada göz ýetiripdir», «Magtymgulynyň aýtmadyk zady ýok», «Magtymguly aýdan bolsa dogrudyr» diýlen ýaly gürrüňler hem dana şahyryň beýikliginiň aýdyň subutnamasydyr.

Akyldaryň şygyrlaryndaky sözler halkyň berýän bahasy bilen utgaşyp gidýär. Dogrudan-da, Magtymgulynyň döredijiligi adamzat ýaşaýşyna degişli umumy we hemişelik meseleler, türkmen durmuşynyň ululy-kiçili ýol-ýodalarynyň ählisini özünde jemläpdir. Onuň eserleri ynsan ýaşaýşynyň şahyrana ensiklopediýasydyr. Pyragyny okan islendik häsiýetdäki ynsan özüniň gozgaýan meseleleriniň jogabyny tapyp biler.

Dünýäniň akyldary — Magtymguly Pyragynyň at-abraýyny, şan-şöhratyny Ýer ýüzünde belende galdyrýan Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň belent başlary aman, janlary sag, döwlet ähmiýetli işleri rowaç bolsun!

**Laçyn MÄTJÄÝEWA,**
Halkara žurnalistikasy fakultetiniň
3-nji ýyl talyby.



# BAKJADAKY IKI LIMON

### *(Kiçijik kyssa)*

Şäherdäki bir öýüň bakjasynda yzly-yzyna iki limon agajy ekilendi. Maý aýynyň soňky günlerinde gülläp oturan limon gülleri bütin bakjanyň howasyny şol bada üýtgederdi we öz hoşboý ysy bilen ýaşaýanlara ýaz paslynyň gelendigini buşlardy. Emma limon agaçlarynyň biriniň miweleri beýleka görä has kiçidi. Şol sebäpden hem uly limon agajy her pursatda ony kiçeldip kemsiderdi.

Öý eýesi hem kiçi limon agajyndan umydyny biraz kesene meňzeýärdi. Kiçi agajyň gurap galjakdygy hakynda oýlanýardy, biraz gynanmanam duranokdy. Şol sebäpli hem oňa kän bir ideg etmeýärdi. Günleriň birinde öwsen güýçli şemal golaýdaky depeleriň etegindäki bir topar gül tohumjyklaryny bakjadaky limon agaçlarynyň düýbüne uçurdy.

Tohumjyklar olaryň düýplerinde gögermek üçin limon agaçlaryndan rugsat isläpdirler. Uly agaç tohumjyklaryň bu islegine ulumsylyk bilen jogap beripdir:

— Siziň bu dilegiňizi kabul etmegim mümkin däl. Beýle zat asla-da bolmaz. Biz gury galmagy halamaýarys. Eger düýbümizde köpeläýseňiz suwumyzy sorup, düýbümizi guradarsyňyz.

Uly agaç güllere şeýle diýen-de bolsa, aslynda onuň başga gaýgysy bardy. Dürli reňkli güller açylanda öz sary öwüşýän agymtyl gülleriniň solaksy bolup galjakdygyny we bakjanyň eýesiniň gözündäki öz gymmatynyň azaljakdygyny önünden bilýärdi. Şeýle hem uly limon agajynyň özünden owadan bolanlara hiç hili sabyr takady ýokdy, has dogrusy gabanýardy.

Kiçi limon agajy uly limon agajynyň tohumjyklara beren jogabyny halamady. Sebäbi kiçi limon özüne ýaşaýyş üçin gerekli bolan suwy olara berjekdigini anyk bilýärdi. Şu sebäpli hem suwsuzlyk onuň aklynada gelenokdy. Kiçi limon tohumjyklara garap:

— Siz bilen bile bolmak maňa bagt berer, şeýlelik bilen bolsa, biz ýalňyzlyk hem duýmarys — diýip, tohumjyklaryň isleglerine güler ýüz bilen jogap berdi.

Kiçi limon agajynyň düýbünde ýaşyl öwsüp, gögerip ugran tohumjyklar birnäçe hepdeden soň, bütin bakjanyň esasy üns merkezine öwrüldi. Şol wagtlarda-da kiçi agaç tohumjyklara elinden geldigiçe kömek etjek bolýardy we gülleriň halaýan güneşli gurşawyny döretmek üçin öňki ýapraklaryny-da dökýärdi.

Güller gysga wagt geçensoň, hoşboý ysla-ry ýaýratmaga başladylar. Bakjanyň eýesi şol wagta çenli duýmadyk bolarly, gülleriň bu ýakymly ysynyň nireden gelýändigini gözleşdirip başlady we duýdansyz gelen «myhmanlary» tapyp, öz ýanyndan haýrana galdy. Adamyň diňe düýşünde görüp biläýjek bu gülleriniň owadanlygyny dowam etdirip bilmek üçin, indi adam ir turýardy we olary has gowy döküňler bilen iýmitlendirip, ýygy-ýygydan suwarýardy.

Kiçi limon agajy kökleriniň iň kiçi, inçe böleklerine çenli ýeten bu suwlary güller bilen bilelikde içýär we şeýle bir çaltlyk bilen ulalýardy.

Güllere söýgi mähir bilen gujak geren agaç, indiki ýaz paslyna galman şol töwerekdäki iň uly agaja we biri-birinden owadan kebeleklerıň gelýän mekanyna öwrüldi. Soňra bolsa öz güllerini açyp bakjanyň gözelligine görk goşdy.

**Rus dilinden terjime eden**
**Mahym NARMYRADOWA,**
Halkara žurnalistikasy fakultetiniň
4-nji ýyl talyby.

25-nji iýunda Türkmenistanyň DIM-nde daşary syýasat edaralarynyň ýolbaşçylarynyň orunbasarlarynyň derejesinde türkmen-ukrain syýasy geňeşmeleri geçirildi.

ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI

Baş redaktor
Jumaberdi ARTYKOW

*Baş redaktoryň orunbasarlary: A.Ýazweliýew, Y.Hallyýew.*
*Jogapkär kätip: O.Çaryýarowa.*
*Jogapkär kätibiň orunbasary: A.Begenjow.*
*Bölüm müdiri: B.Baýhanow.*
*Edebi işgärler: Ş.Şyhyýew, A.Nedirowa, A.Baýjiýewa, G.Allagulyýewa, O.Garrygulowa.*
*Korrektorlar: O.Geldiýewa, S.Çaryýew.*
*Fotohabarçy: T.Gurbandurdyýew.*

*Redaksion geňeşiň agzalary:*
*P.Çaryýew, M.Berdinyýazow, B.Gylyçmyradow, R.Bäşimow, B.Karaýew, O.Ezimowa, M.Gandymowa, D.Ballyýewa, B.Ataýew, M.Atajanowa, J.Pürjäýewa.*

*Gazet elektron görnüşinde HGI-niň www.iirmfa.edu.tm internet saýtynda ýerleşdirilýär.*

*E-mail:* hgi.redaksiya@gmail.com